Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan
2025-nji ýylyň «13» fewralynda
1854 bellige alyş belgisi bilen
döwlet belligine alyndy

“Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmagyň Tertibini tassyklamak barada” Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň hem-de “Türkmenstandartlary” baş döwlet gullugynyň başlygynyň 2025-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda çykaran 5-ö/5-iş belgili bilelikdäki buýrugy

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň we «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň başlygynyň 2025-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda çykaran 5-Ö/5-iş belgili bilelikdäki buýrugy bilen tassyklanyldy

## Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmagyň TERTIBI

### I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmagyň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) «Sertifikatlaşdyrmak hakynda», «Bedenterbiýe we sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip düzüldi we Türkmenistanda bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmagyň tertibini kesgitleýär.

Şu Tertibiň talaplary pudaklaýyn tabynlygyna, guramaçylyk-hukuk we eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak işine gatnaşýan ýuridik şahslar hem-de görkezilen işi amala aşyrýan fiziki şahslar üçin hökmanydyr.

2. Türkmenistanda bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlaryny sertifikatlaşdyrmak we laýyklyk sertifikatyny bermek işi «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynda (mundan beýläk - Gulluk) döwlet akkreditasiýasyndan geçen Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň Sport çärelerini guramak we utgaşdyryş guramasy (mundan beýläk – Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara) tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Şu Tertibiň maksatlary üçin “Arza beriji” – sertifikatlaşdyrmak boýunça edara bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak üçin ýüz tutýan ýuridik ýa-da fiziki şahslar bolup durýar.

4. Sertifikatlaşdyrmak işi ýerine ýetirilýän bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlaryň hiliniň berjaý edilişine gözegçiligi üpjün etmek, sarp edijilere bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary dogry saýlamaga ýardam bermek, olaryň bähbitlerini sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän hyzmatlaryň edilmeginden goramak, sarp edijileriň janyny, saglygyny we emlägini, şeýle hem daşky gurşawy goramak maksady bilen amala aşyrylýar.

5. Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak işini Arza berijiniň hyzmatlarynyň laýyklygyny doly we dogry tassyklamaga mümkinçilik berýän barlag geçirmek we baha bermek usulynda geçirýär.

6. Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlaryny sertifikatlaşdyrmak boýunça işleri geçirmäge bedenterbiýe we sport babatda garaşsyz bilermenler we hünärmenler çekilip bilner.

## II bap. Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlaryny sertifikatlaşdyrmak işini geçirmegiň tertibi we möhletleri

7. Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak boýunça işler şu aşakdaky tapgyrlardan ybarat:

1) I-nji tapgyr – sertifikatlaşdyrmak üçin arzany kabul etmek;

2) II-nji tapgyr – sertifikatlaşdyrmak boýunça barlag geçirip sertifikaty bermek (bermekden ýüz döndermek) hakynda çözgüt çykarmak, hyzmatlaryň laýyklyk sertifikatyny resmileşdirmek;

3) III-nji tapgyr – sertifikatlaşdyrylan hyzmatlaryň gözegçilik barlagyny geçirmek.

8. Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmagyň I-nji tapgyrynda Arza beriji Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara sanaw boýunça aşakdaky resminamalary tabşyrýar:

1) arza;

2) Arza berijiniň esaslandyryjy resminamalary:

a) ýuridik şahs üçin – esaslandyryş resminamalaryň nusgalary, Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnamanyň we ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäniň nusgalary;

b) fiziki şahs üçin – hususy telekeçi hökmünde döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky resminamanyň nusgasy;

3) Arza berijä Türkmenistanda bedenterbiýe we sport bilen bagly işini amala aşyrmaga rugsat berýän resminamalarynyň nusgasy, şeýle hem Arza beriji tarapyndan we/ýa-da onuň bilen özara hyzmatdaşlyk edýän edara-kärhanalar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda ygtyýarlylandyrylmagy hökmany bolan beýleki hyzmatlar edilýän bolsa, şol ygtyýarnamalaryň nusgalary;

4) Arza berijiniň işgärleri barada maglumat (familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly, wezipesi, iş tejribesi, bilimi);

5) degişli hyzmaty ýerine ýetirmek boýunça ulanylýan enjamlar, serişdeler, gurallar barada maglumat;

6) ölçeg serişdeleri ulanylýan bolsa, bellenen tertipde döwlet deňeşdirmesinden geçirilendigini tassyklaýan resminamasynyň nusgasy;

7) hyzmatlaryň pul dolanyşygy barada arza berijiniň ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanan maglumat.

Arza beriji arzada we oňa goşulýan resminamalarda görkezilen maglumatlaryň dogrudygyna doly jogapkärçilik çekýär.

9. Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara tarapyndan bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak babatda döredilen toparyň jogapkär kätibi arzany hasaba alyş kitabynda hasaba alýar.

10. Arza beriji Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen sertifikatlaşdyrmak babatdaky hyzmatlar üçin tölegi geçireninden soň, Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara sertifikatlaşdyrmagy geçirmegiň II-nji tapgyryna, ýagny sertifikatlaşdyrmak boýunça barlag we baha bermek işini geçirmäge girişýär.

11. Sertifikatlaşdyrmak boýunça barlag we baha bermek işi Sertifikatlaşdyrmak boýunça edaranyň başlygynyň buýrugy bilen döredilen hemişelik hereket edýän bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak babatda topar (mundan beýläk - Topar) tarapyndan geçirilýär.

12. Toparyň agzalary hökmünde Sertifikatlaşdyrmak boýunça edaranyň hünärmenleri we bedenterbiýe we sport babatda garaşsyz bilermenler we hünärmenler bolup bilerler.

13. Topar:

1) arzanyň we sowalnamanyň dogry doldurylyşyny we şu Tertibiň sekizinji bölegine laýyklykda berlen resminamalaryň dolulygyny we dogrudygyny barlaýar;

2) şu Tertibiň III babynda görkezilen Arza berijä bildirilýän talaplara laýyklygyny barlaýar;

3) bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak boýunça barlag we baha bermek işini geçirýär;

4) Arza berijide bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary etmek işini guramagyň we dolandyrmagyň hil ulgamyny kesgitleýän, şeýle hem sarp edijileriň howpsuzlygyny üpjün etmek barada kadalaşdyryjy we guramaçylyk-usulyýet resminamalarynyň toplumynyň bolmagyny barlaýar;

5) sarp edijileriň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça talaplar we degişli kepillikler babatdaky resminamalary seljerýär;

6) hyzmatlaryň hem-de bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary amala aşyrylýan jaýynyň kadalaşdyryjy resminamalarynyň talaplaryna hakykat ýüzünde laýyk gelşini barlaýar;

7) sarp edijiler tarapyndan arzalaryň, şikaýatlaryň bolmagy, olar boýunça görlen çäreler, hyzmatlary etmek işine berlen bahalary we beýlekileri barlaýar;

8) sarp edijä berilýän resminamalaryň we maglumatlaryň bolmagyny barlaýar;

9) işgärleriň wezipe hünärleriniň we gözükdirijileriniň bolmagyny barlaýar.

Sertifikatlaşdyrmak boýunça barlag we baha bermek işini geçirmek üçin, Arza beriji zerur maglumatlary Topara berýär we onuň işi üçin ähli şertleri döredýär.

14. Topar sertifikatlaşdyryş barlagynyň ähli resminamalary esasynda Arza berijiniň sertifikatlaşdyrmak boýunça işine baha berýär.

Sertifikatlaşdyrmak boýunça barlag we baha bermek işi Arza beriji tarapyndan şu Tertibiň sekizinji bölegine laýyklykda berlen resminamalar esasynda we/ýa-da hyzmatlary ýerinde barlamagyň netijesinde amala aşyrylýar.

15. Topar sertifikatlaşdyrmak boýunça hyzmatlaryň ýerine ýetirilişine baha bermek işiniň netijeleri boýunça, bedenterbiýe we sport bilen bagly

hyzmatlaryna laýyklyk sertifikatyny bermek ýa-da bermekden ýüz döndermek hakyndaky çözgüdi çykarýar. Topar laýyklyk sertifikatyny bermek hakyndaky çözgüdi çykaran ýagdaýynda, bellenilen tertipde tassyklanan görnüşdäki laýyklyk sertifikatyny bermek hakyndaky ykrarnamany düzýär (II-nji tapgyr). Arza beriji laýyklyk sertifikatyny bermek hakyndaky ykrarnama bilen tanyşdyrylýar we onuň nusgasy arza berijä berilýär.

16. Laýyklyk sertifikatyny bermekden ýüz dönderilen ýagdaýynda Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara arza berijä ýüz döndermegiň sebäplerini 3 (üç) iş gününiň dowamynda ýazmaça habar berýär.

17. Şu aşakdaky ýagdaýlarda laýyklyk sertifikatyny bermekden ýüz dönderilip bilner:

1) arzanyň we sowalnamanyň nädogry we/ýa-da doly däl görnüşde doldurylmagy we şu Tertibiň sekizinji bölegine laýyklykda berlen resminamalaryň doly bolmazlygy;

2) bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrylanda Arza beriji bilen özara hyzmatdaşlyk edýän edara-kärhanalaryň arasynda hyzmatlary etmek baradaky şertnamalaryň bolmazlygy;

3) Arza beriji tarapyndan Sertifikatlaşdyrmak boýunça edaranyň sertifikatlaşdyrmak babatda edýän hyzmatlary üçin tölegleriň tölenilmezligi;

4) Arza beriji tarapyndan sertifikatlaşdyrmagyň şu Tertipde bildirilýän talaplarynyň berjaý edilmezligi.

18. Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara laýyklyk sertifikatyny bermek hakyndaky çözgüdi çykaryp, laýyklyk sertifikatyny bellenilen tertipde resmileşdirýär we sertifikatlaşdyrmagyň döwlet sanawyna (reýestrine) degişli ýazgy girizip, laýyklyk sertifikatyny arza berijä berýär (II-nji tapgyr).

19. Sertifikatlaşdyrmak boýunça edaranyň bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlaryny sertifikatlaşdyrmak işi boýunça I-II tapgyrlarynyň umumy möhleti arzanyň gelip gowşan gününden başlap, bir aýdan geçmeli däldir.

20. Laýyklyk sertifikaty 3 (üç) ýyla çenli möhlet bilen berilýär. Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara tarapyndan berilýän laýyklyk sertifikatynyň nusgasy Gulluk tarapyndan tassyklanýar.

21. Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara, her aýyň 25-ine çenli, senenama aýynda bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlaryny sertifikatlaşdyrmak boýunça berlen laýyklyk sertifikatlar barada ýa-da olary bermekden ýüz döndermek hakyndaky çözgütler barada Gulluga hasabat berýär. Hasabatyň görnüşi Gulluk bilen ylalaşylmaga degişlidir.

## III bap. Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrylanda Arza berijä bildirilýän talaplar

22. Arza berijä bildirilýän talaplar:

1) Arza berijiniň bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary amala aşyrylýan jaýynyň ýerleşýän ýeriniň girelgesinde onuň ady we iş tertibi barada degişli ýazgynyň bolmagy;

2) bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary amala aşyrylýan jaýynyň Türkmenistanyň degişli gurluşyk kadalaryna laýyk gelmegi;

3) bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary amala aşyrylýan jaýynyň Arza berijä degişliligini tassyklaýan resminamalaryň bolmagy (kärende şertnamasy, peýdalanmak (eýeçilik) hukugyny tassyklaýan resminamasy);

4) bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary amala aşyrylýan jaýynda sport enjamlar bilen üpjünçiligi;

5) gelýänler üçin görmek üçin amatly ýerde ýerleşen maglumat beriş stendleri bilen enjamlaşdyrylmagy;

6) maglumat beriş stendinde «Bedenterbiýe we sport hakynda», «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak hakynda» we «Sertifikatlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň, Arza berijiniň bedenterbiýe we sport bilen bagly işi hukuk berýän resminamalarynyň nusgasynyň, laýyklyk sertifikatlarynyň nusgalarynyň (bar bolan mahaly), Arza berijiniň edýän bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlarynyň sanawynyň we şol hyzmatlaryň bahasynyň bolmagy;

7) resmi kagyzlary, gymmatlyklary we berk hasabatlylykdaky blankalary saklamak üçin niýetlenilen otagda seýfiň bolmagy;

8) bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary amala aşyrylýan jaýynda aýratyn telefon aragatnaşyk kanalynyň, şeýle hem internetiň we elektron poçtanyň bolmagy;

9) bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary amala aşyrylýan jaýynyň azyndan iki kompýuter bilen üpjün edilmegi;

10) bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary amala aşyrylýan jaýynyň ýangyn howpsuzlygy kadalarynyň talaplaryna laýyk gelýändigini tassyklaýan Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Ýangyn howpsuzlygy gullugynyň edarasy tarapyndan berlen resminamanyň bolmagy;

11) bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary amala aşyrylýan jaýynyň sanitariýa-epidemiologiýa kadalarynyň talaplaryna laýyk gelýändigini tassyklaýan Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edarasy tarapyndan berlen resminamanyň bolmagy;

12) ähli elektrik, gaz, suw geçiriş we lagym enjamlarynyň tehniki howpsuzlyk kadalaryna laýyklykda oturdylmagy hem-de ulanylmagy.

23. Arza berijiniň Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanylýan, Bedenterbiýe we sport hünärmenleriniň wezipelerine bildirilýän hünär talaplaryna laýyk gelýän bedenterbiýe we sport hünärmenleriniň üpjün edilen bolmalydyr.

24. Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlaryny ýerine ýetirilende bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlarynyň ähli görnüşleri sarp edijileriň saglygy, ömri we emlägi üçin howpsuz bolmalydyr.

25. Arza beriji sarp edijiler üçin bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlaryny amala aşyranda resmi taýdan hereket edýän, sarp edijileriň ömrüniň, saglygynyň we emläginiň howpsuzlygyny üpjün edýän hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen talaplara we derejelere laýyk gelýän sport desgalarynda ýerleşdirmelidir.

26. Sarp edijileriň ömrüniň we saglygynyň howpsuzlygyny üpjün etmek, şol sanda ýokanç keselleriň we köpçülikleýin ýokanç däl keselleriň döremeginiň we ýaýramagynyň öňüni almak maksady bilen, sarp edijileri Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen tertipde resmileşdirilmedik sport desgalarynda bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlaryndan peýdalanylmagy gadagandyr.

## IV bap. Sertifikatlaşdyrylan hyzmatlara gözegçilik

27. Sertifikatlaşdyrylan hyzmatlara gözegçilik sertifikatlaşdyrylan hyzmatlaryň döwürleýin gözegçilik barlagyny geçirmek arkaly Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara tarapyndan amala aşyrylýar (III-nji tapgyr).

28. Sertifikatlaşdyrylan hyzmatlara gözegçilik laýyklyk sertifikatynyň hereket edýän döwründe, ýylda bir gezek geçirilýär.

29. Sertifikatlaşdyrylan hyzmatlaryň döwürleýin gözegçilik barlagyny geçirmek üçin, Sertifikatlaşdyrmak boýunça edaranyň aýratyn buýrugy bilen gözegçilik etmek baradaky iş topary döredilýär.

30. Gözegçilik etmek baradaky iş topary gözegçilik etmegiň meýilnamasyny işläp taýýarlaýar, onda barlagyň möhletleri we möçberleri görkezilýär.

31. Sertifikatlaşdyrmak boýunça edaranyň aşakdaky ýagdaýlarda meýilnamadan daşary gözegçilik barlagyny geçirmäge hukugy bardyr:

1) döwlet gözegçilik edaralary tarapyndan sertifikatlaşdyrylan hyzmatlar boýunça oňaýsyz netijeler ýüze çykarylanda;

2) sarp edijilerden sertifikatlaşdyrylan hyzmatlaryň sertifikatlaşdyryş talaplaryna laýyk gelmeýändigi baradaky maglumatlar gelip gowşanda;

3) sertifikatlaşdyrmak işinde tassyklanylýan görkezijilere täsir edip biljek hyzmatlaryň nomenklaturasynyň, hyzmaty ýerine ýetirmek işiniň, hile gözegçilik etmegiň usullarynyň üýtgändigi anyklanylanda.

32. Sertifikatlaşdyrylan hyzmatlara gözegçilik etmegiň netijeleri boýunça 2 (iki) asyl nusgada ykrarnama düzülýär we gözegçilik etmek baradaky iş toparynyň ähli agzalary tarapyndan gol çekilýär. Ykrarnamanyň bir asyl nusgasy laýyklyk sertifikatynyň eýesine berilýär.

33. Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlaryna gözegçilik etmegiň netijesinde şu Tertibiň ýa-da sertifikatlaşdyrmak babatda Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplarynyň bozulandygy ýüze çykarylan ýagdaýynda, Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara laýyklyk sertifikatynyň hereketini togtadýar we ol barada laýyklyk sertifikatynyň eýesine habar berýär.

## V bap. Laýyklyk sertifikatynyň hereketiniň togtadylmagy ýa-da ýatyrylmagy

34. Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara şu Tertibiň ýa-da sertifikatlaşdyrmak babatda Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplarynyň

bozulandygyny ýüze çykaran ýagdaýynda, laýyklyk sertifikatynyň eýesiniň bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary babatdaky laýyklyk sertifikatlarynyň hereketini togtadyp ýa-da ýatyryp biler.

35. Laýyklyk sertifikatlaryň hereketi togtadylan ýagdaýynda, Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara laýyklyk sertifikatynyň eýesine bu barada habar berýär we düzediş girizmek çärelerini ýerine ýetirmek üçin bir aý möhlet belleýär.

Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara laýyklyk sertifikatlarynyň hereketiniň togtadylýandygy barada dahylly edaralara habar berýär.

36. Düzediş girizmek çäreleri ýerine ýetirilenden soň, laýyklyk sertifikatynyň eýesi bu barada Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara ýazmaça habar berýär, ol bolsa gaýtadan barlagy geçirýär. Barlagyň oňaýly netijeleri bolanda Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara laýyklyk sertifikatlarynyň hereketini dikeldýär we ol barada laýyklyk sertifikatynyň eýesine we dahylly edaralara habar berýär.

37. Laýyklyk sertifikatynyň eýesi tarapyndan düzediş girizmek çäreleri ýerine ýetirilmedik ýa-da netijesi oňaýsyz bolan ýagdaýynda, Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara laýyklyk sertifikatynyň eýesine berlen laýyklyk sertifikatlarynyň hereketini ýatyrýar we ol barada laýyklyk sertifikatynyň eýesine we dahylly edaralara habar berýär.

38. Laýyklyk sertifikatlarynyň hereketiniň ýatyrylmagy Sertifikatlaşdyrmak boýunça edara tarapyndan sertifikatlaşdyrmagyň döwlet sanawyna degişli ýazgy girizilen pursadyndan güýje girýär. Ýatyrylan laýyklyk sertifikatlarynyň hereketi dikeldilmäge degişli däldir.

39. Bedenterbiýe we sport bilen bagly subýektleri tarapyndan laýyklyk sertifikaty bolmazdan bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary amala aşyrylan halatynda, olar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

## VI bap. Sertifikatlaşdyryş işleriniň tölegi we jemleýji düzgünler

40. Arza beriji sertifikatlaşdyryş işleriniň (şol sanda, laýyklyk sertifikatyny gaýtadan resmileşdirmek, hereket ediş möhletini uzaltmak) sertifikatlaşdyrmak bilen baglanyşykly ähli çykdajylary bellenen tertipde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen ylalaşmak arkaly tassyklanan nyrhnamalara laýyklykda töleýär.

41. Sertifikatlaşdyrmak boýunça işleri geçirmegiň barşynda Arza berijä hasap-faktura berilýär, onuň tölegi bellenilen tertipde Arza beriji tarapyndan töleg resminamasy bilen tassyklanýar.

42. Arza berijiniň, sertifikatlaşdyrmak boýunça işleriň netijeleri bilen ýa-da Sertifikatlaşdyrmak boýunça edaranyň çykaran karary bilen razy bolmadyk ýagdaýynda "Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda şikaýat etmäge hukugy bardyr.

43. Sertifikatlaşdyrmak boýunça işlere gatnaşýan taraplar şu Tertibiň bozulmagy üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

44. Şu Tertipde kesgitlenilmedik ýagdaýlar ýüze çykan halatynda Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna goldanylýar.

| TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI | «TÜRKMENSTANDARTLARY» BAŞ DÖWLET GULLUGY |
|---|---|
| **BUÝRUK** | **BUÝRUK** |
| № 5-Ө | № 5-18 |
| «13» 01 2025 ý. | «13» 01 2025 ý. |

**Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmagyň Tertibini tassyklamak barada**

Sport hyzmatlaryny sertifikatlaşdyrmagy «Sertifikatlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna, «Bedenterbiýe we sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda hem-de sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi we gözegçiligi amala aşyrýan ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýarys**:

1. Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmagyň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary hem-de "Türkmenstandartlary" baş döwlet gullugynyň başlygynyň orunbasary gözegçilik etmeli.

| Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygy A.Saparow | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň başlygy M.Hojagulyýew |
|---|---|

**TÜRKMENISTANYŇ ADALAT MINISTRLIGI**

744036, Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 150-nji jaýy
Telefon: (+993 12) 39-19-21; Faks: (+993 12) 39-19-71

**MINISTRY OF JUSTICE OF TURKMENISTAN**

150th building, Archabil avenue, Ashgabat city, 744036
Telephone: (+993 12) 39-19-21; Fax: (+993 12) 39-19-71

«14» 02 2025 ý. № 02-27/1650

*Siziň 2025-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda iberen 1-10/261 belgili hatyňyza*

**Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetine**

“Bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmagyň Tertibini tassyklamak barada” Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň hem-de “Türkmenstandartlary” baş döwlet gullugynyň başlygynyň 2025-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda çykaran 5-ö/5-iş belgili bilelikdäki buýrugy 2025-nji ýylyň 13-nji fewralynda 1854 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnandygyny habar berýäris.

**Ministriň orunbasary** **B.Myradow**

TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI
№ 1185
«18» 02 2025ý.